# Gysgajyk kyssalar

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gysgajyk kyssalar GYSGAJYK KYSSALAR

■ Hakykat ýalana çyksa…

Jon Smit bir ogrynyň jübä nädip girip bilýänini görüp otyrdy. Şo wagtam poliseý peýda bolýar-da, onuň adyndan we familiýasyndan peýdalanmaga çalyşýar.
– Jon Smit – diýip, şaýat tutulýan adam jogap berýär.
– Jögüsirän bolmasaňyz-la – diýip, poliseý jabjynýar – Çyn adyňyzy aýdyň ahyryn!
– Aý, beýle bolsa, Uinston Çerçill diýip ýazaýyň.
– Ine, munyň başga gep. Ýogsa her hili Jon Smitler bilen başymy garjaşdyrýarlar.

■ Alňasamaly däl

Bimahal turan gaý iki adamy deňziň ho-ol alyslaryna alyp gidýär. Olaryň ýagdaýy agyrlaşyp başlaýar. Ahyrsoňunda azaşanlaryň biri bu ýagdaýa tap getirip bilmeýär-de, Hudaýa mynajat edip başlaýar;
– Eý, Hudaý, bize bir garaşyk et! – diýip, ol özelenip başlaýar. – Şu geçen ömrümde men seň kän wesýetiňi bozmaly boldum. Köp içdim, keýp çeken boldum, aldawçylykdanam gaýtmadym. Eger-de indi biz bu ýowuzlykdan halas bolup biläýsek, dagy-duwara men beýle wejeralyklara baş goşmazlyga söz berýän!..
Şo wagtam ikinji ýoldaşy gykylyk turuzýar:
– Jek, birazajyk sabyr edip bileňokmy? Söz berip, beýle daşa gidiberme! Hanha, göwnüme bolmasa, gözýetimde bir gämi görünýän ýaly-la…

■ Näsazrak başaýlanma

Lukman:

– Hiý, siziñ maşgalañyzda ýeldirgeme keseline uçran bolupmydy?
Harby gulluga çagyrylýan:
– Näme diýsemkäm? Köp adama meñ kakamy tä ömrümiñ ahyryna çenli samsyk hasap edip gelipdiler.
Lukman:
– O nämüçin?
Harby gulluga çagyrylýan:
– Ol soñky demine çenli özüni öýde hojaýyn saýan bolup gezdi-dä!

■ Hüşgärlik

Garawul:
– Dur, kimsiñ?
Rugsada çykan:
– Men dostuñ. Çüýşejigimem bar.
Garawul:
– Onda, dost, sen-ä yzyña dön, çüýşejik, senem dur!

■ Döwür bilen aýakdaş

Öýlenmek üçin, esger ofisersen gysga wagtlyk rugsat soraýar.
– Eýse, sen o gyzy gowy tanaýarmyñ beri? – diýip, ofiser soraýar.
– Tutuş bir hepdäñ içinde tanadym.
– Munyñ-a sähelçe wagt eken. Ýene-de iki aý dagy garaş. Öýlenjegiñ çynyñ bolsa, soñ men saña rugsat bereýin.
Iki aý geçýärem welin, esger ýene-de ofiseriñ ýanyna gelýär:
– Diýmek, öýlenjegiñ çynyñ eken-dä. Bo-how, bir gyz şeýle uzak wagtlap gyzyklandyrar öýdüp, men hiç wagt pikir etmändirin.
– Men siziñ aýdýanyñyza düşünýän, ser, şoñ üçribem indi başga bir gyza öýlenmegi küýüme düwdüm.

■ Bagtly pursat

Kapitan:
– Haçan-da, sen döşüñden atanlarynda, sen ölmändigiñi nähili subut edip bilersiñ?
Esger:

– Ser, edil şo pursat meň ýüregim dabanyma geçipdi diýip aýdaýaryn.

■ Esgeriň durmuşy

Leýtenant:
– Tüpeňiňi arassalaňsa sen nämeden başlaýaň?
Esger:
– Ilki bilen, ser, men onuň nomerini oňatja gözden geçirýän.
Leýtenant:
– Nomerine seredýän diýýäňmi? O saňa nämä gerek?
Esger:
– Sebäbi arassalajak tüpeňim birden özgäňki bolaýmasyn diýip ätiýaç edýän.

■ Zähmet bölünişigi

Taglym ýaýradyjy bildirişler tagtasynyň öňüne barýar-da, şeýle ýazgy ýazýar: «Men hemmeler üçin doga okaýaryn»
Onuň aşak ýanyndan aklawjy şeýle ýazgy edýär: «Men hemmeler üçin doga okaýaryn».
Lukmanam dowam edýär: «Men hemmeleri bejerýärin».
Ýönekeý adam bolsa gysgajyk şeýle netije çykarýar: «Men welin hemmeler üçin aglaýaryn».

# edebiyatwesungat_98 Degişmeler